# Iniñi düýrükdiriji sorag-jogap: Jynlar hakda nämeleri bilýärsiñ?

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Iniñi düýrükdiriji sorag-jogap: Jynlar hakda nämeleri bilýärsiñ? INIÑI DÜÝRÜKDIRIJI SORAG-JOGAP: JYNLAR HAKDA NÄMELERI BILÝÄRSIÑ?



*Bu testi gijelikde we ýeke wagtyñyz jogaplaýjy bolaýmañ!..*

**1. Jynlar nämeden ýaradylypdyr?**

– Bilemok, adynam tutup biljek däl.
– Otdan.
– Toprakdan.

**2. Jynlaryñ edil adamlar ýaly ömür müddetleri barmy?**

– Hawa, bar.
– Olar ýalam zat bormy! Jynlar ölenog-a.
– Ýok.

**3. Jynlar kapyr we musulman diýip, iki topara bölünýärmi?**

– Hawa, bölünýär.
– Bilemok, bolup biler.
– Nirden çykdy beýle sorag?

**4. Adamlar jynlary görüp bilýärmi?**

– Görüp bilmezler, elbetde!
– Görüp bilerler, beýle zat mümkin.
– Toba estagpyrylla! Sizden ýaña gije uklabam bilmerin indi!

**5. Jynlaryñ adamlardan ýokary aýratynlyklary barmy?**

– Bilemok, ýöne bu soragdan soñ gyzyklanmanam durmadym.
– Elbetde, bar.
– Bar bolmagy mümkin, bilemok.

**6. Jynlaryñam adamlaryñky ýaly ynanýan dini barmy?**

– Birinji gezek eşidýärin.
– Bu soragy bermediñiz hasap edýärin.
– Bar.

**7. Jynlar adamyñ keşbinde gözümize görnüp bilermi?**

– Görnüp bilmez, diñe haýwanyñ keşbine girip biler.
– Görnüp biler.
– Bilemok, görnäýende-de meniñ nähili boljagym göz öñüme gelýär.

**8. Jynlar we adamlar biri-birlerine öýlenip bilerlermi?**

– Öýlenip biler.
– Bilemok, galyñdyr süýt hakysy bolmasa, kynam bolmaz.
– Öýlenip bilmez.

**9. Jynyñ we adamyñ jübütleşmeginden çaga doglup bilermi?**

– Mümkin däl!
– Doglup biler.

– Kellämi mazaly bulaşdyrdyñ, näme diýýäñaý?..

**10. Babylda jyn bilen adamyñ nikasyndan doglan çagalara näme diýlipdir?**

– Ömrümde beýle zat eşitmedim!
– Ynjyn.
– Magi.

Taýýarlan Guwanç MÄMILIÝEW. Geň-taňsy wakalar